# Hajy Atakgaýew

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hajy Atakgaýew Türkmenistanyň halk suratkeşi Hajy Atakgaýew

Hormatly professor Hajy Atakgaýew 1945-nji ýylda Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň "Gowkyzereň" daýhan birleşiginde eneden doguldy. 1970-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherindäki Poligrafiýa institutynyň grafika bölümini tamamlady.

Kitap bezeginiň üstünde işlemegi öz döredijilik ýolunyň esasy ugry hasaplamak bilen, suratkeş dürli döwürlerde türkmen şahyrlarynyň we ýazyjylarynyň köpsanly edebiýat neşirlerini taýýarlady. A. Taganyň "Gowşut han", B. Hudaýnazarowyň "Adamçylygyň ady bilen" hem-de
A. Gowşudowyň "Perman" atly kitaplarynyň bezeg işlerini ýerine ýetirdi. Kitap bezeg işi H. Atakgaýewiň döredijiliginiň ýeke-täk ugry bolman, ol birnäçe stanok nakgaş we grafika işleri bilen hem meşhurdyr. Olaryň arasynda Türkmenistanyň görnükli sungat, medeniýet we beýleki ugurlaryň wekilleriniň portretleri, taryhy we durmuşy sahnaly žanr kompozisiýalar bar.
Suratkeş uzak ýyllaryň dowamynda Magtymgulynyň döredijilik mirasyny ylmy esasda öwrenip, oňa bagyşlap "Magtymgulynyň dünýäsi" atly grafiki eser toplumyny döretdi.

Awtory: Baýramgeldi Çaryýew. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty